# Öýñüze giden wagtyň…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öýñüze giden wagtyň… ÖÝÑÜZE GIDEN WAGTYÑ…

Sen gideňsoň otura deý ýerimden,
Esli salym galyp bilmän oturýan.
Zat gelmeýän bu pasmanda elimden,
Entek-entek tutmajagňa ökünýän.

Ir-ertirden bäri dişimiň kirem,
Açylman geçdi-le (sen ýok neýläýin?!)
Bar taýýarlan naharlarmyň hiç birem
Seňkiçe ýok!
Boyun alyp söýläýin.

Nowha aýdymlara hiňlenip kem-kem,
Gaýgy-dertlerimden ýeňlejek boldum.
Ýyljak mähriň küýsäp, jenanym, her dem
Sowuk otagymda ýoňlajak boldum.

Saýlanardyñ sertilleriň baryndan,
Türpeligňem, teý, taryplap doýmazdym.
Ygyp ýören pikirlermi aňymda,
Jemläp bilmän kösenşimem duýmazmyň?!

Bu gije sen bolsaň diýen sözlerňi
Hemem hemme ýazyklarňy öterdim.
Senem ukuda deý ýumup gözlerňi,
Sepirjigme başyň goýup ýatardyň.

09.07.2023 ý.

Baýramberdi GELDIMYRADOW. Goşgular